# Garyp köňlümiň soltany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garyp köňlümiň soltany «GARYP KÖŇLÜMIŇ SOLTANY»




Henizem gözlem ýoluňda,
Kalbymda yşgyň armany.
Sataşmak barmy soňunda
Garyp köňlümiň soltany.
Dertli ömrümiň dermany.
Oýanyp säher sabada,
Otursam dileg dogada,
Gözümiň ýaşy derýa deý,
Ummandan gözledim seni,
Garyp köňlümiň soltany!

Gökde ikä bölünen Aý
Barmyka heý özüňe taý,
Hiç tapmaýyn janyma jaý,
Her ýandan gòzledim seni
Garyp köňlümiň soltany.

Ýaşyl geýen sahypjemal,
Kalbym sensiz tapmaz kemal,
Sygman dag-düzlere sähra,

Asmandan gözledim seni,
Garyp köňlümiň soltany.

Adyň tutup säher saba,
Göz ýaşlarym boldy derýa.
Bağ içinde bilbilgöýä
Bossandan soradym seni,
Garyp köňlümiň soltany

Bulutlar deý gonup-göçüp
Saňa barýan ýollar geçip,
Söhbet üçin kitap açyp,
Diwandan gözledim seni,
Garyp köňlümiň soltany.

Sylapberdi MUHAMOW.

09.05.23. Goşgular